# Nahum pygamberiň kitaby

## Giriş

*Nahum pygamberiň kitaby* goşgy görnüşinde ýazylandyr. Kitapda Aşur şalygynyň paýtagty Ninewäniň synmagy beýän edilýär. Aşur şalygy Ysraýylyň köne we ýowuz duşmanydy. Hudaý bu şähere ozal Ýunus pygamber arkaly duýduryş berip, gahar-gazabyny ondan sowupdy. Emma aşur milletiniň gitdigisaýy artýan zalymlygy, tekepbirligi we rehimsizligi Hudaýyň sabyr käsesini pürepür edensoň, Ol Öz gahar-gazbyny onuň üstünden indirip, ony jezalandyrýar. Bu wakalar biziň eýýamymyzdan öň VII asyryň ahyrlarynda bolup geçýär.

### Mazmuny

Ninewäniň höküm edilmegi 1:1-15
Ninewäniň synmagy 2:1—3:19

## 1-nji bap

1 Ninewe şäheri hakyndaky pygamberlik; elkoşly Nahum özüne gelen aýanlygy ýazyp aldy.

### Rebbiň Ninewä garşy gahar-gazaby

2 Reb gabanjaň we öç alýan Hudaýdyr,
Ol ar alýandyr we gazapdan doludyr,
Duşmanlaryndan öç alýandyr,
Ýagylaryna garşy gazaplanýandyr.
3 Reb giň göwünlidir we gudratlydyr,
Ol ýazyklyny jezasyz goýmaz.
Rebbiň ýoly tupanlydyr, gaýlydyr,
Bulutlar Onuň aýak tozudyr.
4 Ol buýrugy bilen deňizleri guradýar,
Bütin derýalary takyradýar,
Başan we Karmel daglary solýar,
Liwanyň gülleri süllerýär.
5 Rebbiň öňünde daglar titreýär,
Baýyrlyklar ereýär,
Ýer sarsýar,
Dünýä ilaty bilen lerzana gelýär.

6 Kim Onuň gaharyna garşy durup bilýär?
Kim Onuň lowlaýan gazabyna çydam edýär?
Rebbiň gazaby ot deýin inýär,
Öňünde gaýalar kül-peýekun bolýar.
7 Reb ýagşydyr,
Betbagtlyk gününde halkyna penadyr;
Ol Öz penasyndakylary goraýandyr.
8 Emma Ol Ninewäni
Daşgyn sil bilen ýok eder,
Duşmanlaryny garaňkylyga kowalar.
9 Rebbiň garşysyna näme dildüwşük gurasalar-da,
Ol hemmesini ýok eder,
Muşakgat ikilenç inmez.
10 Duşmanlar tikenler deý biri-birlerine çyrmaşyp,
Arakhorlar kimin serhoşdyrlar;
Gury saman deýin ýakylyp taşlanarlar.
11 Rebbe garşy ýamanlyk guraýan,
Pisligi maslahat berýän
Sizden çykdy, eý, nineweliler!

### Ýahuda üçin hoş habar

12 Reb halkyna şeýle diýýär:
«Aşurlar köp we güýçli bolsalar-da,
Gyrlyp, ýok bolup giderler.
Eý, Ýahuda, size ejir çekdirenem bolsam,
Mundan artyk ejir çekdirmerin.
13 Sizi Aşuryň boýuntyrygyndan azat ederin,
Gandallaryňyzy kesip taşlaryn».

14 Reb siz barada şeýle buýruk berýär:
«Adyňyzy dowam etdirer ýaly,
Sizden zürýat önmez.
Hudaýlaryňyzyň buthanasyndaky oýma,
Guýma butlary ýok ederin.
Siziň gabryňyzy taýynlaryn,
Çünki siz ýigrenjisiňiz».

15 Ine, size hoş habar getirýän,
Parahatçylygy jar edýän çapar
Daglardan aşyp gelýär.
Eý, ýahuda halky, baýramlaryňy belle,
Beren wadalaryňy berjaý et,
Indi pis millet üstüňize hüjüm etmez,
Çünki olar bütinleý ýok edilerler.